# SUNGAT WE ÝAŞLAR

MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ TALYPLAR GAZETI

Gazet 2019-njy ýylyň 25-nji noýabryndan bäri çykýar. № 2 (26) mart-aprel 2024ý. E-mail: tnconservatory @gmail.com


## «Pyragyny gören daglar» aýdymynyň döreýşi hakynda kelam agyz



Bu aýdymyň döreýşiniň özboluşly, örän täsin taryhy bar. Aýdym üç sany şahsy göz öňünde janlandyrýar. Ol üç şahslar Magtymguly Pyragy, Kerim Gurbannepesow hem-de Döwletgeldi Ökdürowdyr. «Pyragyny gören daglaryň» sazy Döwletgeldi halypanyň talyp döwründe döreden aýdymlaryndan «Gubagazymdan» soň ikinji sazydyr.

Bu aýdymyň sazy ilki döräp, sazyň manysyny berip bilýän goşgy tapylmanlygy üçin, ady-da bolmandyr. Ussat Döwletgeldi bagşymyzyň mähriban dosty Nazar Gullaýewiň gürrüňlerinde şeýle diýilýär: «Ol günlerde bir gün Döwletgeldiniň ýanyna gelip, Magtymguly Pyragynyň 225 ýyllygy Soýuz möçberinde bellenil-jekmiş diýen gürrüň bar diýýär. Bu dabara, daşary ýurtlardan-da alymlaryň gelmegine garaşylýar, biz hem bu dabara sowgatlyja barsak gowy bolardy diýipdir». Döwletgeldi bu pikiri goldaýar. Şeýlelikde, bu iki dostuň hersi bir saz döredýär. Nazar Gullaýew öz döreden sazyna «Pyragy» diýip at goýýar. Bu sazyň notasynyň Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, halypa mugallym Öwezmyrat Gandymow tarapyndan nota geçirilendigini şu ýerde ýatlamak ýerliklidir. Emma Döwletgeldi Ökdürowyň döreden sazynyň ady näbelliligine galýar.

Ýöne ol öz öňünde maksat goýupdy, ol hem şu saz Magtymguly Pyraga bagyşlanylmalydy. Döwletgeldi öz içki dünýäsini gepledip: «Eger-de meniň şujagaz döreden sazym üçin çeken azabym ýerine düşäýse, onda men Magtymguly Pyragynyň öz ildeşi hökmünde çäksiz uly sowgat etdigim bolardy» diýip, gije-gündiz arzuw edendigini hemişe ýatlar eken.

Günlerde bir gün bolsa teleýaýlymda Magtymguly Pyraga bagyşlanyp, edebi-sazly gepleşik görkezilýär. Şol gepleşikde halypa bagşylardan biriniň şahyr Kerim Gurbannepesowyň goşgusyna «Daglar» diýen aýdymy aýdyşyny diňlemek miýesser edýär. Emma ol aýdymyň sazy bir ýana, goşgynyň sözleriniň manysy başga ýana çekýärdi. Aýdymyň ady «Daglardy». Döwletgeldi: «Bu goşgy tüýs maňa gerek goşgy ekeni» diýip, içki pikirini daşyna çykaranyny hem duýmandyr. Sebäbi goşgynyň birinji setiri: «Garrygala myhman barsaň» diýip başlanýardy. Iň soňunda, gutaranda bolsa «Pyragyny gören daglar» diýip tamamlanýardy

. Ol eline dutaryny alyp, döreden sazyna goşup görende goşgy bilen saz tapyşyp, goşulyşyp, gözel aýdym emele gelipdir. Döwletgeldi halypa bu goşgynyň «Daglar» adyny aýyryp, goşgynyň iň soňky «Pyragyny gören daglar» setiri bilen atlandyrýar.

Şeýlelikde, bu aýdym radionyň programmalarynda «Pyragyny gören daglar» ady bilen ýaňlanyp başlaýar. Döwletgeldi halypa bilen şahyr Kerim Gurbannepesowyň zehinlerinden döran «Pyragyny gören daglar» 1961-nji ýyldan bäri halkymyzyň arasynda uly meşhurlygy gazanyp, diňleýjileriň söýgüsine mynasyp bolup gelýär.

Magtymguly Pyraga bagyşlanyp döredilen aýdymlaryň içinde şahyr Kerim Gurbannepesow bilen Döwletgeldi halypanyň zehinlerinden döran «Pyragyny gören daglar» aýdymy häzirki wagtda hem ussat bagşylarymyz tarapyndan ýerine ýetirilýär.




Arzygül WELSÄHEDOWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
2-nji ýyl talyby.


## "Türkmen binasy" atly konsert geçirildi



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň "Pähim- paýhas ummany – Magtymguly Pyragy" ýylynyň her bir güni uly şatlyk-şagalaňa, aýdym-sazlara beslenýär. Her bir dogýan güneşiň ýalkymyndan nurlanýan türkmen halky bagtyýarlyk sazyny çalýar. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda medeniýet ulgamy ösüşiň täze belentliklerine çykýar. Ýurdumyzda medeniýet we sungat ussatlarynyň sarpasy belentden tutulýar.

Ýakynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzdaky Magtymguly adyndaky milli sazly-drama teatrynda Magtymguly Pyragynyň sözlerine kompozitor Suhan Tüýliýewiň eserlerinden düzülen simfoniki orkestriniň konserti geçirildi. Täsirli geçen konserte medeniýet we sungat ulgamynda bilim alýan talyp ýaşlar we halypa mugallymlardyr sungat ussatlary gatnaşdylar.

Konsertiň başynda "Pendi nagmalary" eseri ýaňlandy. Gargy tüýdük bilen orkestriň janly owazlary bu ýere ýygnananlaryň kalbyna ýakymly ýatlamalary guýdy. Konsertiň dowamynda ýaňlanan Türkmenistanyň halk artisti Atageldi Garýagdyýewiň aýtmagynda "Neýleý, indi biçäreýem", "Ýeldim tut" ýaly aýdymlar, "Uzuklar" sazly rowaýatyndan "Näzigiň lälesi", wiolonçel hem orkestr üçin "Gözelim", ýaly sazlar konsertiň şowhunyny has-da artdyrdy.

Konsert solistler Röwşen Baýramowyň, Begdurdy Çerkezowyň hem-de hor toparynyň ýerine ýetirmeginde "Türkmen binasy" aýdym bilen jemlendi. Dabaranyň ahyrynda zehinli kompozitor, halypa mugallym Suhan Tüýliýewe gül sowgatlaryny gowşuryp, minnetdarlyk bildirdiler.




Aýjahan ABALAKOWA,
"Sazşynaslyk" hünäriniň
1-nji ýyl talyby.

# Çarlz Aýwzyň 130 ýyllygyna



Aýwz Çarlz Eduard Amerikanyň meşhur kompozitory. Oňa ilkinji saz bilimini harby kapelmeýstery bolup işlän kakasy berýär. Ç.Aýwz 1894-1898-nji ýyllarda Ýelsk uniwersitetinde okaýar, bu ýerde H.Parkerde kompozisiýany we D.Bakda organ saz guralynda ýerine ýetirijilik sungatyny öwrenýär. 1899-njy ýyldan başlap Amerikanyň Nýu-Ýork we başga şäherlerinde ybadathanada organ saz guralynda ýerine ýetiriji bolup işleýär. Ç.Aýwzyň döredijiliginiň kemala gelmeginde onuň çagalyk we ýaşlyk ýyllarynda köne däp-dessurlaryň wajyp ähmiýeti bolýar; oba ýerlerde ol hemişe halk sazlaryny diňleýär, oba saz baýramçylyklaryna gatnaşýar.

Kompozitoryň döredijiligi öz gözbaşyny oba sazandalary tarapyndan ýerine ýetirilýän halk aýdymlaryndan we dini gimnlerinden, şeýle-de dini däp-dessur aýdymlaryndan alyp gaýdýar. Ç.Aýwzyň ilkinji döreden saz eserleri üflenip çalynýan saz gurallary orkestri üçin niýetlenendir, ýaş kompozitor bu orkestrde kakylyp çalynýan saz gurallaryny çalýar. Ç.Aýwz özüniň şahsy stilini döretmegi başarypdyr, onuň stilinde däp bolan durmuşy sazlaryň alamatlary adaty bolmadyk garmoniýa we özboluşly gurallamasy bilen utgaşdyrylýar. Ç.Aýwzyň döredijiligine lirika, ýumor, filosofiki mazmuna ymtylmagy, saz diliniň täzeligi häsiýetlidir. Kompozitor döreden eserlerinde Watanynyň durmuşyny suratlandyrmaga çalşypdyr. Mysal üçin, Skripka we fortepiano üçin ikinji sonatasynyň epizodlaryna dürli häsiýetli ritmiň we intonasiýalaryň ýiti çaknyşygy häsiýetlidir, onuň elementleri oba baýramçylyklarynyň şowhunly kartinasyny suratlandyrýar.



Ç.Aýwz saz döredijilik işini XIX asyryň 90-njy ýyllarynda başlaýar, emma XX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli kompozitoryň döreden saz eserleri meşhurlyk gazanyp bilmeýär. Diňe 1947-nji ýylda kompozitor 1911-nji ýylda döreden Üçünji simfoniýasy üçin Puliseri adyndaky baýraga mynasyp bolýar. Ç.Aýwz aradan çykandan soň Amerikanyň sazandalary onuň çeperçilik mirasynyň özboluşly milli alamatlaryny açyp, kompozitory Amerikanyň täze mekdebini esaslandyryjy diýip yglan edýärler.



Ç.Aýwzyň meşhur eserlerinden Fortepiano üçin ikinji sonatasyny, Üçünji we Ikinji simfoniýalaryny, şeýle-de dissonantly atonal we politonal ýiti akordlara baý bolan Ikinji uwertýurasyny bellemek bolar. Kompozitor birnäçe saz eserlerinde özüniň oýlap tapan seriýa ýazuw usulyny, şeýle-de çärýek ton sistemasyny ulanýar. Şeýle-de, Ç.Aýwz çärýek ton sazy barada birnäçe oçerkleri we makalary ýazypdyr.



Şatlyk ANNAÝEW,
"Sazşynaslyk hünäriniň"
2-nji ýyl talyby.

# Ýz galdyran halypa...



Türkmen milli saz sungaty diýlen, hyýaly nazaryňy taryhyň geçen asyrlaryna aýlap, ägirt halypalar Garadäli Gökleň, Amangeldi Gönübek, Gulgeldi ussa, Kel bagşy (Allaberdi Aýdogdy ogly), Täçmämmet Suhangulyýew, Mylly Täçmyradow, Meşhur Sary bagşynyň perzentleri Pürli, Oraz, Nury Saryýewler, Çary Täçmämmedow, Jepbar Hansähedow, Ýagmyr Nurgeldiýew, Ata Ablyýew we ýenede ençeme halypalary ýatlanyňy duýman galýarsyň.

Sebäbi olaryň çalan sazlary hemişe biziň ýürek törümizde uly orun tutýar. Ahal dutar ýerine ýetirijilik mekdebiniň mukamçy halyplarynyň biri hem Çary Täçmämmedowdyr. "Çary aganyň ýoly" diýdiren beýik dutarçynyň ilki kemala gelip başlan ýyllaryna nazar aýlalyň.

Çary Täçmämmedow 1923-nji ýyllaryň dekabrynyň ahyrlarynda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda Täçmämmet Suhangulyýewiň maşgalasynda dünýä inýär. Kiçijik Çary ýaşlygyna garamazdan dutary çalmaga ymtylypdyr. Onuň ilkinji halypasy öz kakasy Täçmämmet Suhangulyýew bolupdyr. Dutarda perdeleri tutulşyny, ses almagy, heňe we kakuwa düşünmegi köp wagt almandyr. "Boljak ogul ýaşlykdan belli" diýilişi ýaly, Türkmen halk sazlaryny ýaşlykdan suw içen ýaly öwrenipdir. Çary 14 ýaşyndaka Aşgabat sazçylyk uçilişesine häzirki Daňatar Öwezow adyndaky T.D.Ý.S.M gatnap başlapdyr. Oňa dutardan halypalyk edenler Mylly Täçmyradow we Pürli Saryýew bolupdyr. Çary Täçmämmedow soň-soňlar dutarçylykda Mylly Täçmyradowa hem-de Pürli Saryýewe baş halypam diýip, olaryň sungatynyň öňünde baş eger eken. "Mylly aga meniň halypam, Mylly agadan köp zatlar öwrendim, ataly-ogul ýaly bolup gezdim. Halypam ilki öwredenini "Hany çal diýip ilki özi diňlärdi, özä boljak diýip ýene-de gaýtala diýerdi. Soňra hany dur bakaly diňle!" diýerdi. Soňra özi çalyp berip ine şuňýalagrak et, hany meň yzymada düş diýerdi. Şeýdip sagat ýarym gözden geçirip öwrederdi" diýip Çary Täçmämmedow belläp geçýär.

1939-njy ýylda Çary Täçmämmedow sazçylyk uçilişesinde 2 ýyl okandan soň, Türkmen radiosynyň dutarçylar ansamblyna işe gelýär. Halypa sazandanyň yhlasly işine ýokary baha berilýär. 1964-nji ýylda eden zähmeti ýerine düşýär we ony ansamblyň ýolbaşçysy edip saýlaýarlar. Çary Täçmämmedow meşhur dutarçy bolmak bilen birlikde, sazanda kompozitor hökmünde hem bellidir. Onuň "Dostluk", "Oktýabra sowgat", "Söýgi mukamy" altmyşynjy ýyllarda döreden sazlarynyň ilkinjileridir.

Halypanyň Mary saz çalyş ýolunda çalan "Maýagözel", "Ýedi manzar", "Söýli halan", "Tüni derýa" diýen sazlary radioda häli-şindi ýaňlanýandyr. Çary Täçmämmedowyň sazyny diňleýärkäň, ussadyň heňlere öwüşgin, bezeg berişi, melizmleri ýerine ýetireňde, üznüksiz fantaziýalaşdyrylyşy ünsüňi çekýär. Ol çep eliniň üçünji barmagy bilen mordent garşy-garşy ulanyp, "geňzew" usuly arkaly bir heňden başga heňe täsinlik bilen geçýär. Şeýle dürli-dürli usullary ussatlarça çalmak arkaly, Çary Täçmämmedow sazyň täsirliligini, ruhubelentligini artdyrýar. Çary Täçmämmedowyň döreden: "Dostluk", "Oktýabra sowgat", "Söýgi mukamy", "Awçy mukamy", "Pagtaçy gyz", "Şahyrym" ýaly sazlary dutarçy sazandalaryň, ansambllaryň repertuaryny bezäp gelýär. Çary Täçmämmedow hakynda birnäçe makalalar, kitaplar, radio ýazgylary ýazyldy, häzir hem dowam edýär. Şol ýazgylaryň birinde Çary aganyň aýdan sözlerinde şeýle sözler bar: "Meniň dutarymyň eşegi köne roýalyň gapagyndan kesilip alynan".

Hormatly Prezidentimiziň ähli ugurlar bilen birlikde medeniýetimize, sungatymyza uly üns bermegi netijesinde biz ýaşlara giň mümkinçilikler döredilýär. Ötüp-geçen halypalarymyzyň durmuş ýoly, döredijilikleri bilen gyzyklanyp, içgin tanyşmagymyz biziň üçin örän ähmiýetlidir. "Pähim-paýhas ummany - Magtymguly Pyragy" ýylynda biz talyp ýaşlara sungatymyz bilen içgin aralaşmaga, okamaga, öwrenmäge, döretmäge şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli alyp barýan ähli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.



Yhlas SAMADOW,
"Türkmen sazy" kafedrasynyň
1-nji ýyl talyby.

# Taýýar-saýlama sistemaly akkordeonlaryň gelip çykyş taryhy



1829-njy ýylda belli Wena organ ussasy K.Demian ilkinji gezek häzirki döwürdäki kämilleşen akkordeonlaryň asyl nusgasyny döredýär. Ýagny, arasynda meh (howa toplaýjy) ornaşdyrylan sag we çep korpusly. Onuň döreden saz guralynda sag we çep klawiaturada bary-ýogy 5 düwmesi bolupdyr. Onda kiçijik ýönekeýje sazlary çalyp bolupdyr. Oňa “akkordeon” diýip at beripdir. “Akkordeon” fransuzçadan terjime edilende “elde garmonika” diýmekligi aňladýar. K.Demianyň bu saz guraly şol ýylyň 23-nji maýyndan başlap zawod, fabriklerde giňden öndürilip, tiz wagtda ýewropanyň beýleki ýurtlaryna ýaýrap başlaýar we şol günden başlap, ýagny 23-nji maý halkara “Akkordeonyň güni” diýlip yglan edilýär.



XIX asyryň 40-njy ýyllarynda bu saz gural Russiýa gelip ýetýär. 1830-njy ýylda Tula ýarag ussasy Iwan Sizow bu saz guraly özbaşdak öwrenýär we täzeden işleýär. Onlarça ýyllaryň dowamynda saz guraly bütin Russiýanyň dürli şäherlerine Moskwa, Twer, Kazan, Wolgograd, Peterburg, Saratowa ýaýraýar. Ol gurluşy boýunça sag klawiaturada 5-10 klawişadan, çep klawiaturada 2 hatardan, ýagny bas we mažor hatarlary bolupdyr. XIX asyryň 2-nji ýarymynda bu saz guraly rus ussalary tarapyndan has kämilleşdirilip başlanýar. Sag we çep klawiaturalarda klawişalary köpeldýäler. 1871-nji ýylda N.Beloborodow 2 hatarly sag klawiatura täze hromatiki düzgünli sistema döredýär. Ussa L.Çulkow ony täzeden işläp doly hromatiki düzgüne getirýär. Onuň bu täzeden işlemesi esasynda “Baýan” saz guralynyň döremegine uly itergi berýär. Şeýlelikde 1907-nji ýylda Peterburgda meşhur ýerine ýetiriji Ý.Orlandskiý-Titarenkonyň sargamagy esasynda ussa P.Sterligow tarapyndan täze saz guraly döredilýär. Ol sag klawiatura 4 hatarly, doly hromatikaly, pilçe şekilli düwmelerden ybarat, çep klawiaturada bas seslerden başga 4 hatarly taýýar akkordlar-mažor, minor, septakkordly täze sistema döredýär. Bu saz guraly “baýan” diýip atlandyrýarlar. Saz guralyň ady gadymy rus aýdymçysy “Boýan” esasynda gelip çykypdyr. Sterligowyň döreden baýanynyň sag klawiaturasy Peterburg sistemasy diýen ady alýar. Ondan başga-da W.Hegstrýom sistemasy we N.Siniskiý sistemalary ýaly görnüşi bolupdyr. Ussa P.Sterligow bilen parallel 1912-nji ýylda ilkinji gezek taýýar-saýlama sistemaly baýany S.Nowikow döredýär. Ol 3 klawiaturaly taýýar-saýlama sistemaly baýany döredýär. 1925-nji ýylda P.Sterligow häzirki zaman dünýä belli taýýar-saýlama sistemanyň düýbüni tutýar we 1929-njy ýylda öndürip başlaýar.

Akkordeon saz guraly has ýaş saz guraly bolup, onda 1960-1970nji ýyllardan başlap taýýar-saýlama sistema otyrdylyp öwrenilip başlanylýar. Şol wagtlar halkara derejeli bäsleşiklerde ilkinji gezek taýýar-saýlama sistemaly akkordeonlarda çykyş edip başlaýarlar. Akkordeonyň çep klawiaturasy 3 görnüşe bölünýär: taýýar akkordlar, saýlama we taýýar-saýlama klawiaturalardan ybarat.



Taýýar akkordly sistemada çep klawiaturada 5-6 hatarly ses düwmeleri bolup, olaryň 1-2-nji hatarlary esasy bas sesleri we galan ähli hatarlar taýýar akkordlardan ybarat. Ses hatary ýokarlygyna wertikal kwinta düzülişde düzülen. Taýýar akkord diýende-bu 1 düwmä bassak 3 sesli akkord ýaňlanýar. Meselem: mažor (Б), minor (М), septakkord. Ýagny her sesiň deňinde özüniň taýýar akkordlary gorizontal ýerleşdirilen. Diapazony kontroktawanyň fa sesinden uly oktawanyň mi sesine çenli aralygy öz içine alýar.






Taýýar-saýlama sistema bolanda, ol ýörite çep klawiaturadaky registr arkaly geçirilýär. Ýagny, çep klawiaturada 120 sany sesli düwmejikler ählisi-de diagonal hromatiki düzgün arkaly 1 sesli nota geçýär. Ýagny 5-6 hatarlar ählisi bir sesli aýratyn nota geçýär. Bu ýerine ýetiriş tehnikasyny has-da kynlaşdyrýar. Diapazony kontroktawa re sesinden 3-nji oktawanyň re sesine çenli aralygy öz içine alýar. Ol islendik çylşyrymly sazlary çalmana mümkinçilik berýär.



**Hijran JORAKULYÝEW,**
**Akkordeon hünäriniň**
**3-nji ýyl talyby.**

# HÖWES



Adam arzuw edýär käte ýönekeýje zatlary käte bolsa özünden juda daşgyn (ýa-da öz gözüne şeýle görünýän) zatlary. Käbiri ömrüňde gaýtalanyp biljek, käbiri bolsa bir gezek elden berseň galan ömrüňe hiç haçan hem gaýdyp gelmejek hyýallar. Mysal üçin, birini ýürekden halasaň ähli ýer şar, Aý, gün, ýyldyzlar diňe ikiňiziň üstünden aýlanyp duran ýaly. Gör, neneňsi ajaýyp duýgy ýöne bu diňe seniň içiňde. Özüňi bu täzelige taýyn däl hiç haçan hem taýyn bolmajak ýaly duýýarsyň… Geňirgenmek bilen öz-özüňden soraýaň bu şeýle mümkin bolup bilmejek zatmy?! Bir tarapdan ýadansyň, bir tarapdan hem meniňki näme üçin hasyl bolmaly dälmişin diýýärsiň. Pikirlenýäň… Şol uzak menziller hakda pikirlendikçe ruhuňa sowuklyk aralaşýar. Hemme zady nesibä ýöňkäsiň gelýär.

Ýok, hemme zat nesibe däl, köplenç Alla nesibäni bendäň kalbyna görä ýazýar. Süňňi päk, halal ynsan bolsaň Ýaradanyň ähli isleglerini berjaý etseň näme üçin kabul bolmaly däl?! Hiç haçan göwniçökgünlik ýa-da ýaltalygy özüňe ýoldaş edinme. Elmydama başarjagyňa ynan! Awçyň hem elmydama awy oňanok ahyryn. Eli awly gelýän wagtyndan eli boş gelýän wagty has köp bolýar, emma ol hiç haçan nalamaýar, ruhdan hem düşmeýär. Onuň hiç haçan bes etmejeginden habarly Allatagalla onuň nähili nesibesiz hem bolsa nesibesini açýar. Bize diňe eşretiň we jomartlygyň hözirini göräýmek galýar.

# ZENANA



Salam mylakatly edepli zenan,
Gara gözli näzik gaşlary keman,
Senden haraý islär bu telbe göwün,
Raýyny ýykmagyl ödegil tamam.

Özüň bir owadan sähranyň güli,
Ýokuş söz diýenleň tutular dili,
Hassalaň derdine em boljak şypa,
Ýürekden söýülip söýmek ekeni.

Akylyň edebiň aýratyn dünýä,
Ýylgyr, bu göwün seň bilen gülýär,
Müňlerçe gezegem synlasam seni,
Ýene-de müň gezek synlasym gelýär.

Gaty görme taryp etseler seni,
Rehimsiz jellada aldyryp seri,
Herkime ýazgyt däl beýle gözellik,
Bu sözlerim üçin ýazgarma meni.

**Ynam ALLAGULYÝEW,**
**«Türkmen sazy» hünäriniň**
**1-nji ýyl talyby.**



## Sport bilen birdir mydam ýolumyz

"Il saglygy-ýurt baýlygy" şygary,
Türkmen halky barýar sportda öňe.
Sagdyn beden, sagdyn durmuş ýolunda,
Sport bilen ýetýäs mydam ýeňişe.



Kalbymyz buýsançdan doly hemişe,
Ussat türgenlermiz mydam ýeňişde.
Gadamlarymyz batly her bir ugurda,
Sport öňe barýar gözel ýurdumda.



Görelde mekdebi Siz Arkadagmyz!
Ençe sport desgalary gurduňyz.
Sagdynlykda ruhubelent ilimiz,
Sport bilen birdir mydam ýolumyz.



**Ogulnur SULTANOWA,**
**"Sazşynaslyk" hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

SUNGAT WE ÝAŞLAR



Biziň salgymyz:
744000 Türkmenistan, Aşgabat ş., 1984 köç., 22
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy
Tel: (+99312) 92-31-37, Faks (+99312) 92-36-11
Internet sahypamyz: tmk.nesil.edu.tm

Redaktor: Gülzada BAZAROWA
Kompýuterde bezän: Söhbet AŞYROW